***Türkmenistanyň we Özbegistanyň arasynda suw serişdelerini dolandyrmak boýunça bilelikdäki hökümetara komissiýanyň bäşinji mejlisi geçirildi. Duşuşyk iki ýurduň suw hojalygy ulgamyndaky hyzmatdaşlygyny täze derejä çykarmakda möhüm ädim hökmünde häsiýetlendirildi.***



Mejlise Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Täçmyrat Atahallyýew ýolbaşçylyk etdi. Özbegistan tarapyndan bolsa Prezidentiň oba hojalygyny ösdürmek boýunça geňeşçisi Şuhrat Ganiýew gatnaşdy. Çärä iki ýurduň suw serişdelerini dolandyrmak, irigasiýa, ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça jogapkär döwlet edaralarynyň wekilleri hem gatnaşdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 31.01.2026



Duşuşykda çykyş edenler Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň dostluk, ynanyşmak we deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýandygyny belläp, suw hojalygy ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilýändigini nygtadylar. Taraplar diňe bir suw serişdelerini rejeli peýdalanmak boýunça däl, eýsem ykdysadyýet, infrastruktura we ynsanperwer ugurlar boýunça hem hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdylar.

Все права защищены




Mejlisiň dowamynda suw serişdeleriniň netijeli dolandyrylyşy, sebitde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taraplar geljekde hem yzygiderli hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň we bilelikdäki komissiýanyň işini has-da işjeňleşdirmegiň möhümdigini bellediler.

Все права защищены

save pdf date >>> 31.01.2026